**Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň maslahatynyň Teswirnamasy**

05.12.2021 Aşgabat ş.

**Gün tertibi**

1. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasyna täze agzalary kabul etmek we agzalygyndan çykarmak;
2. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynda 2017-2021-nji ýyllarda alnyp barylan işleriň hasabaty.
3. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygyny 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak;
4. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygynyň orunbasaryny 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak;
5. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň baş kätibini 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak;
6. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň ýerine ýetiriji komitetiniň agzalaryny 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak;
7. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň derňew toparynyň agzalaryny 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak.

Ýygnaga gatnaşyjylar: Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň 38 sany agzasy.

Maslahaty Federasiýanyň başlygy G.Atanyýazow açdy. Ol **Hormatly Prezidentimiziň** parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň sport ulgamyny dünýäniň iň ösen ýurtlaryň derejesine ýetirmek ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýandygy, soňky ýyllarda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda we paýtagtymyz Aşgabatda dünýä ülňelerine gabat gelýän sport howdanlarynyň birnäçesi gurlup ulanylmaga berilendigi, bu bolsa sportuň suwdaky görnüşleri bilen meşgullanmaga höwes bildirýänleriň sanynyň gün-günden artmagyna getirýändigini belläp geçdi we türkmen sportyny ösdürmek ugrunda alyp barýan işleri hem-de bimöçber goldawlary üçin **Gahryman Arkadagymyza** çäksiz minnetdarlygyny bildirdi. Soňra bu ýygnagyň gün tertibi bilen tanyşdyrmak üçin Federaiýanyň baş kätibi M.Rejepowa söz berdi. M.Rejepow maslahata gatnaşyjylary maslahatyň gün tertibi bilen tanyşdyrdy we gün tertibiniň **1-nji soragy,** ýagny:

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasyna täze agzalary kabul etmek we agzalykdan çykarmak boýunça; ýagny Federasiýanyň alyp barýan işlerine hiç-hili goldaw bermeýändikleri we geçirýän ýygnaklaryna hiç bir sebäpsiz gatnaşmaýandyklary sebäpli federasiýanyň agzalary:

1. Babalyýew Orazaly
2. Mamowow Öwezgeldi
3. Krowýakow Aleksandr
4. Fokin Aleksandr
5. Atanepesow Amangeldi
6. Kambarow Nazim
7. Baryşnikow Nikita
8. Strelkina Ýuliýa
9. Ataýew Süleýman

agzalykdan aýyrmak we gelip gowşan arzalar esasynda, aşakda atlary agzalýan sport ulgamynyň wekillerini:

10. Ýaýlymowa Jennet – suwda ýüzmek boýunça tälimçi;
11. Hramsow Roman – suwda ýüzmek boýunça tälimçi;
12. Nurmyradow Şyhmyrat – suwda ýüzmek boýunça milli ýygyndy toparynyň türgeni;
13. Ballykow Eminguly – suwda ýüzmek boýunça milli ýygyndy toparynyň türgeni;
14. Bakrýaşow Anton – suwda ýüzmek boýunça milli ýygyndy toparynyň türgeni;
15. Amanberdiýew Handurdy – suwda ýüzmek boýunça milli derejeli emin;
16. Pirow Öwezgeldi – suwda ýüzmek boýunça tälimçi;
17. Orazow Batyr – Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň işgäri,
18. Geldimyradow Didar – Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň işgäri.

Federasiýanyň agzalygyna kabul etmek baradaky teklipler bilen tanyşdyrdy. Bu teklipler sese goýuldy: **"razy" 38 adam, "garşy" ýok, "saklanan" ýok.**

1. **Karar edildi:** O.Babalyýewi, Ö.Mamowowy, A.Krowýakowy, A.Fokini, A.Atanepesowy, N.Kambarowy, N. Baryşnikowi, Ý.Strelkinany we S.Ataýewi Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň agzalygyndan çykarmaly we J.Ýaýlymowany, R.Hramsowy, Ş.Nurmyradowy, E.Ballykowy, A.Bakrýaşowy, H.Amanberdiýewi, Ö.Pirowy, B.Orazowy, D.Geldimyradowy federasiýanyň agzalygyna kabul etmeli.

Gün tertibiň **2-nji soragy** boýunça, ýagny Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynda 2017-2021-nji ýyllar aralygynda alnyp barylan işleriň hasabaty boýunça federasiýanyň başlygy G.Atanyýazow çykyş etdi (hasabat goşulýar). Hasabaty kabul etmeklik sese goýuldy: Hasabat biragyzdan kabul edildi, ýagny: **"razy" 38 adam, "garşy" ýok, "saklanan" ýok.**

2. **Karar edildi:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynda 2017-2021-nji ýyllar aralygynda alnyp barylan işleriň hasabatyny kabul etmeli.

Gün tertibiň **3-nji soragy** boýunça, ýagny Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygyny 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak üçin federasiýanyň häzirki wagtdaky başlygy **Atanyýazow Guwanç** teklip edildi. Teklip sese goýuldy we biragyzdan goldanyldy,

ýagny: **"razy" 38 adam, "garşy" ýok, "saklanan" ýok.**

3. **Karar edildi:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygy wezipesine **G.Atanyýazowy** 4 ýyllyk möhlet bilen bellemeli.

Gün tertibiň **4-nji soragy** boýunça, ýagny Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygynyň orunbasaryny 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak üçin Pilýugin Mark teklip edildi. Teklip sese goýuldy we biragyzdan goldanyldy,

ýagny: **"razy" 38 adam, "garşy" ýok, "saklanan" ýok.**

4. **Karar edildi:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygynyň orunbasary wezipesine M.Pilýugini 4 ýyllyk möhlet bilen bellemeli.

Gün tertibiň **5-nji soragy** boýunça, ýagny Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň baş kätibini 4 ýyllyk möhlet bilen saýlamak üçin Rejepow Mekan teklip edildi. Teklip sese goýuldy we biragyzdan goldanyldy,

ýagny: **"razy" 38 adam, "garşy" ýok, "saklanan" ýok.**

5. **Karar edildi:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň baş kätibi wezipesine M. Rejepowy 4 ýyllyk möhlet bilen bellemeli.

Gün tertibiň **6-nji soragy** boýunça, ýagny Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň ýerine ýetiriji komitetiniň düzümini 4 ýyllyk möhlet bilen aşakdaky atlary agzalýan wekilleri saýlamak boýunça teklip gelip gowuşdy.

1. Atanyýazow Guwanç
2. Rejepow Mekan
3. Pilýugin Mark
4. Nowikow Dmitriý
5. Krowýakowa Tatýana
6. Nabiullina Rawza
7. Ýaýlymowa Jennet
8. Ataýew Merdan
9. Kulow Rahman

Teklip sese goýuldy we biragyzdan goldanyldy,

ýagny: **"razy" 38 adam, "garşy" ýok, "saklanan" ýok.**

6. **Karar edildi:** G.Atanyýazowy, M.Rejepowy, M.Pilýugini, D.Nowikowy, T.Krowýakowany, R.Nabiullinany, J.Ýaýlymowany, M.Ataýewi we R.Kulowy Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň ýerine ýetiriji komitetiniň agzalygyna 4 ýyllyk möhlet bilen kabul etmeli.

Gün tertibiň **7-nji soragy** boýunça, ýagny Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň derňew toprynyň agzalygyna 4 ýyllyk möhlet bilen aşakdaky atlary agzalýan wekilleri saýlamak boýunça teklip gelip gowuşdy.

1. Ataýew Begenç – toparyň başlygy
2. Gnatýuk Sergeý – toparyň agzasy
3. Žalaýew Musa – toparyň agzasy

Teklip sese goýuldy we biragyzdan goldanyldy,
ýagny: **“razy” 38 adam, “garşy” ýok, “saklanan” ýok.**

7. **Karar edildi:** B.Ataýewi, S.Gnatýugy we M.Žalaýewi Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň derňew toparynyň agzalygyna 4 ýyllyk möhlet bilen kabul etmeli.

Şeýlelik-de, federasiýanyň başlygy G.Atanyýazow ähli maslahata gatnaşyjylara suwdaky sport görnüşlerini ýaýbaňlandyrmakda, ösdürmekde, ussat türgenleri taýýarlamakda edýän irginsiz işleri üçin minnetdarlygyny bildirdi we **Arkadag Prezidentimiziň** türkmen sportyny ösdürmekde edýän atalyk aladalaryna çäksiz sag-bolsun aýtdy we **Hormatly Prezidentimiziň** janynyň sag, ömriniň uzak we il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuwlap ýygnagy jemledi.

**Ýygnagyň başlygy:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygy — G. Atanyýazow

**Ýygnagyň kätibi:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň baş kätibi — M.Rejepow